# Geldim – Amanmyrat Maýew

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 21 июня, 2025



Birazyrak tow düşende arada,
Çydam ýok, gül ýüzüñ görmäge geldim.
Alaç bolmaz eken söýen ýürege,
Gaşyñda ýylgyryp durmaga geldim.
Gara gözler dŭşüripdi duzaga,
Geldim ýene, gidibilmän uzaga,

Indi durun, dönüp dikilgazyga,
Öz-özüme gapan gurmaga geldim.

Günler aýa, aýlar ýyla ulaşdy,
Käte sakawladym dilim çolaşdy,
Pikirlerim hüjüm etdi, dolaşdy,
Durup ýadamaga, armaga geldim.

Yşk ody tutaşsa sõnmez ekeni,
Hak aşyklar ýoldan dönmez ekeni,
Ah urup, bu dŭnýä sygmaz ekeni,
Dañylan kökeni gyrmaga geldim.

Ýŭrek- kalbyñ mendedigini bilýärdim,
Bu gün gelip desse çemen gül berdim,
Aşak bakyp bir edaly ýylgyrdyñ,
Yşkyň ýodasyndan ýörmäge geldim.

© Amanmyrat MAÝEW